# Dostluk deñzi / goşgular toplumy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Dostluk deñzi / goşgular toplumy DOSTLUK DEŇZI

1. KENARDA

Girsem mahmal goýnuňa,
Ynjalýar bijaý göwnüm.
Gaýtalaýar gözlerim
Mele tolkunlaň oýnun.

Hyýallar ganatlanýar,
Deňize girenimde.
Guba gazlar, ak guwlar
Ýüzýän dek ýüregimde.

Sen ýatmaýan ýürek sen
Hemem bir täsin dünýä.
Tolkunlar – sansyz leşger,
Kenaryňa sürünýä.

At çapyşyp gomlaryň,
Gör, her dem hetden aşýar.
Iç döküşip özara, Asman,
Zemin gürleşýär.

Suwdur asman şalygnyň
Arasynda durun men.
Hazar ýuwýar aýagmy,
Eçilip dür-nurlaryn.

Bu jan lezzet içinde
Yşk lälesin kakyp dur.
Deňziň melhem şemaly
Ýüzüm ýelpäp akyp dur.

2. DEŇIZ DÜNÝÄ SYGANOK

Düşüp baharyň demi,
Deňiz üste ýaýranda.
Çar ýan uçýan çarlaklar,
Göwün açýar seýranda.

Balyk ejiz baharyň
Yşk ýelginin götärden.
Çarlak sygman deňize,
Ganat kakýar ýokardan.

Aşyk tolkun geňlänok,
Söwer ýary gelmänsoň.
Çarlak deňze sygjakmy,
Deňiz telwas uransoň?!

3. AWAZAŇ YŞYKLARY

Deňiz kenary – jennet,
Tomus has-da sapaly.
Alyp barýar ak bagta
Arkadagyň ak ýoly.

Göýä erteki öýdýäň,
Barsaň, açyk gapylar.
Sora köňül küýsegiň,
Guşuň süýdem tapylar.

Gökden inen ülker deý,
Mermer ymaratlary.
Gark bolmuş reýhana,
Mahmal seýilgähleri.

Asman Zemin arada,
Ýyldyzlar göz gypyşýar.
Serhowuzda reňkli,
Çüwdürimler nur saçýar.

Ýaňlanýar çar ýanyňda,

Göçgünli aýdym-sazlar.
Üwrelýär tolkunlarda,
Çarlaklar, guba gazlar.

Aýdan, ýyldyzdan ýagty
Kenaryň yşyklary.
Hüwdüleýär gijeler
Awaza aşyklary.

## 4. DOSTLUK DEŇZI

Dostluk-doganlyk deňzi,
Joşýan bolsaň, joş, indi.
Ak merjen seçip göge,
Daşýan bolsaň, daş indi.

Bagtly sen, Hazarym,
Bäş döwlet bar daşyňda.
Olar halyň soraýar,
Bir supranyň başynda.

Agzybirlik – uly güýç,
Ol dünýäni saklaýar.
Asudalyk çaparyn
Bütin dünýä gutlaýar.

Gözüň aýdyň, sen bu gün,
Bäş doganly, Hazarym.
Alnyňdan Gün doganyn,
Älem gördi, Hazarym.

Doganlygyň şanyna,
Joşýan bolsaň, joş indi.
Güwläp kenarlaryňdan,
Aşýan bolsaň, aş indi.

Nazly TUWAKGYLYJOW. Goşgular